***Bilim ulgamyny ösdürmek we bilim-terbiýeçilik işiniň usulyýetine innowasiýalary, sanly ulgamyň mümkinçiliklerini we öňdebaryjy tejribeleri ornaşdyrmak döwrüň talabydyr. Şu nukdaýnazardan, şu ýylyň 11 – 13-nji awgusty aralygynda geçirilen bilim işgärleriniň usuly-amaly okuwlary möhüm ähmiýetlidir. Bu möhüm çäre her täze okuw ýylynyň başlanmagynyň öňüsyrasynda geçirimegi asylly däbe öwrüldi.***

Usuly-amaly okuwlar geçýän mekdeplerde döredijilikli işleýän mugallymlaryň iş tejribeleri boýunça sergiler guraldy.  «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýen şygara bilen geçirilen bu usuly-amaly okuwlar hem-de nazary çykyşlar mugallymlaryň täze okuw meýilnamalary we maksatnamalary bilen içgin tanşyp, olary öz iş tejribelerinde netijeli ulanmagyna mümkinçilik berýär. Bilim-terbiýeçilik edaralarynda zähmet çekýän ähli bilim işgärleriniň gatnaşmagynda geçen usuly-amaly okuwlar 2024-2025-nji okuw ýylynyň jemini jemlemekde we täze, 2025-2026-njy okuw ýylynda öňde durýan wezipeleri ara alyp maslahatlaşmakda möhüm ähmiýete eýe boldy.

Okuwlarda «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunyndan, «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyndan», «Türkmenistanda umumy bilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyndan» hem-de «Türkmenistanda çaganyň irki ösüşini we mekdebe taýýarlygyny ösdürmek babatda 2020 — 2025-nji ýyllarda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň Maksatnamasyndan» gelip çykýan wezipeler babatynda maslahatlaşyldy.

**Gülhumar JUMATOWA,**
**Daşoguz şäheriniň 16-njy çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026